**1245 Birleşen Milletler Guramasynyň Ženewadaky edarasynyň ýanynda Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasyny açmak hakynda**

Birleşen Milletler Guramasynyň Ženewadaky edarasynyň ýanynda Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasyny (Şweýsariýa Konfederasiýasy, Ženewa şäheri) açmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. mart aýynyň 11-i.*
*№ PP-5734*



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1246 Çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylary Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinden, beýleki goşunlaryndan harby gullukdan boşatmak we Türkmenistanyň raýatlarynyň harby gulluga nobatdaky çagyrylyşy hakynda**

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna hem-de «Harby borçlulyk we harby gulluk hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, **karar edýärin:**

1. Çagyryş boýunça harby gullugy geçýän, kanunda bellenen möhletleri gulluk eden harby gullukçylary 2011-nji ýylyň aprel–iýun aýlarynda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinden, beýleki goşunlaryndan harby gullukdan boşatmaly.

2. Çagyryş gününe çenli 18 ýaşy dolan, çagyryşdan gaýra goýmaga hukugy bolmadyk Türkmenistanyň erkek raýatlaryny, harby gulluga çagyryşdan gaýra goýmaga hukugyny ýitiren uly ýaşly raýatlary 2011-nji ýylyň aprel – iýun aýlarynda harby gulluga çagyrmaly.

3. Şu Perman çap edilen pursadyndan güýje girýär.

**Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. mart aýynyň 17-si.*
*№ PP-5735*